# Ylham

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ylham YLHAM

«Kowalaşdy» oýnap ýören mysaly,
Käte menden gaçyp gidýäñ uzaga.
Kän utulyp, kätejigem utýan men,
Salyp bilsem seni mäkäm duzaga.

Islänimde ýollaryña göz diksem,
Sen eglenip juda-juda giç gelýäñ.
Gijiñem hiç, garaşanym haýp edip,
Çala jyklap gelmedik deý, puç bolýañ.

Käte bolsa utulýanmy, utýanmy?
Ne iýmäge goýýañ, ne-de içmäge.
Hakydama sowgat beren heñleriñ,
Ganat bolýa göge galyp uçmaga.

Saklan,gaçma menden gussaly wagtym,
Şo mahal özge zat bolanok melhem.
Diñe gussamy däl, şatlygymy-da,
Bile çekişmäge gelsene ylham.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular